# Gussaly güýz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gussaly güýz GUSSALY GÜÝZ




Şatlyk-şagalaň içinde,
Göwnüň açylýar.
Gaýgy-gussa arzyly däl,
Ondan gaçylýar.
Sen gussaň nyşany welin,
Şonda-da eziz!
Ynsan barçanyň syrdaşy-
Eý, jadyly güýz!

Aslynda gussaň bir-geňsi,
Doly mähirden.
Ezizow deý şahyrlara
Ylham getirden.

Meger, gam-gussaň ýugrulan,
Çuň paýhasyňa?!
Sada göwnüňden durmuşa,
Çyn yhlasyňa?!

…Güýz, derdiňi egisere,
Goýnuňa dolsam!
Gözýaş bilen ýeňledeli,
Gaýgy kän, ýogsam.

Geldimyrat SEÝIDOW.

2020 ý. Goşgular